Türkmenistan we Russiýa Türkmen-Rus uniwersitetiniň döredilmegini, Döwlet rus drama teatrynyň täze binasynyň we Aşgabatda Puşkin adyndaky türkmen-rus orta mekdebiniň goşmaça binasynyň gurulmagyny ara alyp maslahatlaşdylar.

Russiýa Federasiýasynyň Federal Ýygnagynyň Federasiýa Geňeşiniň habar bermegine görä, bu meselä Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary, daşary işler ministri Raşid Meredow bilen Russiýa Federasiýasynyň Federal Ýygnagynyň Federasiýa Geňeşiniň Başlygynyň orunbasary Konstantin Kosaçýowyň arasynda 13-nji iýunda Aşgabatda geçirilen duşuşykda garaldy.

Konstantin Kosaçýow Aşgabatda geçirilen duşuşyklaryň Russiýa bilen Türkmenistan arasyndaky parlamentara gatnaşyklary ösdürmek üçin möhüm tapgyra öwrüljekdigine ynam bildirdi.



Şeýle hem şol gün Konstantin Kosaçýow Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy Dünýägözel Gulmanowa we Türkmenistanyň Mejlisiniň Kada-kanunçylyk baradaky komitetiniň başlygy,

Все права защищены

save pdf date >>> 24.11.2024

Federasiýa Geňeşi bilen Türkmenistanyň Mejlisiniň Dostluk toparynyň başlygy Batyr Baýlyýew bilen duşuşyk geçirdi. Duşuşykda Russiýa bilen Türkmenistanyň arasynda parlamentara hyzmatdaşlygyň geljegi ara alnyp maslahatlaşyldy.

Все права защищены